# Piruz Dilenji

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 21 января, 2025
Piruz Dilenji PIRUZ DILENJI




Piriz Dilenji, eýranly tanymal azerbaýjan ýazyjysy.
1965-nji ýylyň 16-njy maýynda Tähranda dogulýar. Heniz 14 ýaşyndaka ilkinji kitaby pars dilinde Tähranda neşir edilýär. Tähranda ýaşan ýyllary 7 kitaby pars we azerbaýjan dillerinde neşir edilýär.
17 ýaşynda ýaşlaryň arasynda geçirilen edebi ýaryşda birinji ýeri alyp, «Eýranyň iň göreldeli ýetginjegi» baýragyna mynasyp bolýar.
Piruz Dilenjiniň goşgulary Eýranda, Türkiýede, Azerbaýjanda aýdym edilip aýdylýar.
1991-nji ýylda Azerbaýjanyň Ýazyjylar Birleşigine kabul edilýär. Günorta Azerbaýjanyň Milli Garaşsyzlyk hereketiniň lideri hökmünde şol wagtlar ilkinji bolup Günorta Azerbaýjanyň garaşsyzlygy we Eýrandan bölünip aýrylmagy pikirini orta atmakdan çekinmeýär. Ol öňe süren pikirleri bilen dünýäniň syýasy arenasynda-da çykyş etmekden çekinip durmandyr. Onuň pikirleri şol wagtyň tanymal syýasatçysy Ebulfeýz Elçibeý tarapyndan giňden goldanylýar. Günorta Azerbaýjanyň garaşsyzlygy we Eýrandan bölünip aýrylmagy baradaky pikirler

ilkinji bolup Piruz Dilenji tarapyndan orta atylanam bolsa, uzak ýyllaryñ dowamynda Azerbaýjana ýolbaşçylyk eden Geýdar Alyýew tarapyndan hem oñyn garşylanýar. Hut şonuñ üçin Geýdar Alyýew Piruz Dilenji barada doly öwrenenden soñra çykyşlarynyñ birinde «Men Eýran diýenimde Günorta Azerbaýjany göz öñüne tutýaryn» diýipdir. Günorta Azerbaýjanyñ Garaşsyzlygy ugrunda indi Eýranyñ içinde we daşary ýurtlaryñ birnäçesinde birnäçe syýasy partiýalar we guramalar hereket edýär.
2004-nji ýyldan bäri BMG-sy hem bu pikire milletiñ talaby hökmünde garaýar.

♣ Syýasy hereketleri

1991-nji ýylda düýbi tutulan CAMAH-yñ 1999-njy ýyla çenli başlygy wezipesini ýerine ýetirýär. 1999-njy ýylda Töwrizde milli hereketiñ gerimi giñänden soñra Piruz Dilenji CAMAH Merkezi Komitetiniñ başlygynyñ birinji orunbasary, şol bir wagtyñ özünde guramanyñ Baku komitetiniñ başlygy wezipesine saýlanýar.
Piruz Dilenji 2000-nji ýylda üç müñe golaý ses toplap Azerbaýjan Respublikasynyñ Milli mejlisiniñ soñky saýlawlaryna gatnaşmak üçin dalaşgärligini görkezýär. Gerekli maglumatlaryñ we resminamalaryñ tabşyrylmagyndan soñra onuñ dalaşgärligi kabul edilen bolsa, saýlawlara birnäçe gün galanda Merkezi Saýlaw komissiýasy açyk bir zat aýman onuñ dalaşgärleriñ sanawyndan çykarylýandygyny mälim edýär.
2002-nji ýylyñ 5-nji dekabrynda Piruz Dilenji birnäçe howpsuzlyk gullugynyñ işgäri tarapyndan saklanylýar. 21 gije-gündizläp gizlin saklanandan soñra metbugat serişdeleriniñ aýaga galmagy netijesinde Içeri Işler ministriniñ metbugat habarçysy Piruz Dilenji barada çykyş etmãge mejbur bolýarlar. Piruz Dilenji bir hepde zamun saklanyp fiziki we ruhy taýdan sütem edilýär, yzyndanam 38 gün hiç bir sebäpsiz tussaglykda saklanýar. Has soñra öý tussaglygynda bolmak şerti bilen azatlyga goýberilýär. Üç aý geçenden soñra öý tussaglygy hem tamamlanýar.
Häzirki wagtda Kanadanyñ Wankuwer şäherinde ýaşaýar.

2008-nji ýylyň maý aýynda Kanada hökümeti tarapyndan Piruz Dilenjä we maşgala agzalaryna Kanadanyň raýatlygy berilýär.
Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly